**Bagyr keselleri** – mallarda we adamlarda duş gelýän hassalykdyr. Bu keseliň ýüze çykmagyna, iýmit siňdiriji organlaryň, gan hem-de ýürek-gan damar ulgamlarynyň (sistema) kadasyz işlemegi sebäp bolýar. Bagyr keseli kä halatlarda gysga wagtlyk, kä halatlarda-da uzak wagt dowam edip, ýeňil geçip bilýär. Bagyrda duş gelýän esasy kesel wirusly gepatitlerdir.

**Wirusly gepatitler (Sarylama ýa-da sarylyk keseli)** – dürli wiruslaryň täsiri bilen döreýän, köp duş gelýän we adam üçin howply infeksion keselleriň toparydyr. Wirusly gepatitleriň dürli görnüşleriniň has ýaýran alamaty esasynda, halk arasynda “Sarylyk” ýa-da “Sary getirme” diýip atlandyrylýan kesele duş gelinýär. Sarylamanyň epidemiýalary barada gadymy grek lukmany Gippokrat  b.e.öňki V asyrda beýan edip geçipdir. Keseli dörediji wiruslar öňden belli bosada, gepatitleri dörediji wiruslar diňe geçen asyryň ortalarynda anyk öwrenildi.  Bagyr keselini dörediji wiruslar hem-de olaryň döredýän gepatitleri harplar bilen (A,B,C,D,E we ş.m) aňladylýar. Her harpyň aňyrsynda belli bir özbaşdak wirusyň ýa-da keseliň ýatanlygyny ýatdan çykarmaly däldir.  Gepatitler bagyr sowuklasa, gyzylja, garamyk, uçuk ýokançlygy, infesion mononkleaz, AIDS keselleriniň geçişinde hem ýüze çykyp bilýär. Gepatitli wiruslaryň esasy görnüşleri şu aşakdakylardyr.

**Gepatit A (Botkiniň keseli)** – ýüze çykma sebäbi sanitar-gigiýeniki ýagdaýlara baglydyr hem-de esasy ýaýran görnüşidir. Gigiýena düzgünleri berjaý edilmeýän ýagdaýlarda ýa-da agyz suwunyň hiliniň pes bolmagy bilen bu kesel ýüze çykyp bilýär. Bu wirus hemme adama ýokuşyp biler. Gepatit A keseli bilen ululara garanyňda 14 ýaşdan kiçiler has köp keselleýär. Keseliň bu görnüşi tomsuň ahyrynda we güýzüň başlarynda möwjeýändir. Keseliň başga adamlara ýokuşma ýagdaýy tomusda köp içilýän suw we suw gaplary arkaly bolup geçýär. Kesel ýokuşandan soňra ilkinji alamatlary 4-6 hepde arasynda ýüze çykýar. Näsagda bu keseliň ilkinji alamatlary peşewiň goňrumtyl reňkde bolup, piwo içgisine ýa-da goýy demlenen çaýa meňzäp, uly täreti hem reňksiz bolýandyr. Keseliň uzaklygy 1,5-2 aýa çenli dowam edýär. Keselden soňky dikeldiş döwri 6 aýy öz içine alýar. Wirusly gepatitleriň A görnüşi ýeňil geçip, gaýraüzülmelere getirýän däldir. Esasy edilmeli zat berhiz tutmaly we bagyr öýjüklerini goraýjy dermanlary ulanmalydyr.

**Gepatit B (Ýapyk sary)** – bagryň zeperlenmesine getirýän howly görnüşidir. Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň bellemgine görä, dünýäde B wirusy 1 mlrd. adam göterip, ýylda 500 mln. adam bu kesel bilen keselleýär. 2 mln-dan gowurak adam hem şol kesel zerarly ölýär.  Gepatit B keseliniň ýokuşmagy ganyň, gan serişdeleriniň we jynsy gatnaşyk arkaly bolup geçýär. Wirus göwreli eneden çaga hem ýokuşýandyr. Ýokuşma üçin ganyň bir damjasy ýeterlikdir.  Şonuň üçin gulak deşilende, derä ýörite surat çekilende ýokuşma bolup biler. Esasy ýokuşma lukmançylykda – sanjymlarda, operasiýa geçirilende, gan goýbermek arkaly geçip bilýär. Keseliň ýokuşyp ýüze çykma döwri 2 aýdan 6 aýa çenli dowam edýär. Gepatit B hem, edil Gepatit A ýaly, bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagy, umumy ysgynsyzlyk, bogunda agyry, ýürek bulanma, gaýtarma ýaly alamatlar bilen başlanýar. Peşewiň garalmagy, täretiň agarmagy, deride örgüniň ýüze çykmagy, bagryň we dalagyň ulalmagy-da

bu keseliň sebäpleriniň arasynda bardyr. Gepatit B keselinde sarylama kän bolmaýar. Gepatit B bilen keselllän adamlaryň 5-10%-i göteriji we ýaýradyjy bolup durýandyrlar. Bu kesel göwreliler üçin howply bolup, düýpli gaýraüzülmelere getirip bilýär. Bu keseliň bejergisi geçirilende immun serişdeleri, gormonlar, antibiotikler, gepatoprotektorlar ulanylýar.

**Gepatit C (Posttransfuzion gepatit)** – wirusly gepatitleriň has howuplysydyr. Bu kesel ýaş adamlarda has köp bolup bilýär. Bu kesel  esasan gan goýberme ýa-da sterilizasiýa geçmedik şprisler arkaly geçýär. Keseliň bu görnüşi hem  göwreli eneden çaga geçip bilýär. Gepatit C bilen näsaglanlaryň 70-80%-nde kesel dowamly görnüşe geçýändir.  Dowamly gepatit bagryň sirroz keseliniň we howply täze döremeleriň ýüze çykma ýagdaýyny ýokarlandyrýar.  Gepatit C bilen başga gepatitler utgaşanda näsagyň ýagdaýy erbetleşip, ölümçülige eltip bilýär. Esasan hem Gepatit D wirusy bilen utgaşanda has howuply bolup bilýär.  Gepatit D beýleki wiruslar (A,B,C) ýaly ýeke özi aşa howply däldir.

Ýöne asyl gürrüň edilýän Gepatit C wirusuna garşy entek, anyk  öňüni alyş çäresi ýokdyr. Bejergi wirusa garşy dermanlary ulanmakdan ybaratdyr. Wirusa garşy bejergilerde dermanlardan interferon we ribawiron ulanylýar. Bejergisi gepatolog lukmany, lobaratoriýa barlaglarynyň gözegçiligi astynda tapgyrlaýyn  geçirilýändir.

**Taýýarlan:** Hatyja Annaýewa

Paýlaşyň: